# TÜRKMENISTANDA INÇEKESEL BILEN BAGLY FAKTLAR

## MÖHÜM SANLAR (2015-2016)

**Inçekesel bilen kesellän adamlaryň sany**

**3 800 adam** (2015)
(her 100 000 ilatdan 70 sanysy);

**2 232 adam** (2016)
(her 100 000 ilatdan 43 sanysy)

**Inçekeselden ölenler**

**460 adam** (2015)

**Inçekeseliň derman serişdelerine durnukly görnüşini bejermekde üstünlik derejesi**

**53%**

**Inçekeseliň derman serişdelerine durnukly görnüşi (MDR-TB) bilen kesellänler**

**360 adam** (2015)

**Inçekesel bilen täze kesellänleriň 64%-ni**
15-44 ýaş aralygyndaky adamlar düzýär

## INÇEKESELIŇ MALIÝELEŞDIRILMESI

1. Türkmenistan sebitde inçekeseliň ýaýraýşy boýunça öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Inçekesel Türkmenistanda heniz hem halk içinde ýaýran kesel bolmagyna galýar.
2. AIDS, inçekesel, gyzzyrma keselleriniň garşysyna göreşmek üçin Global Fond 2010-2018 ýyllar üçin Türkmenistana **23 125 689 USD** berdi.
3. Türkmenistan mundan beýläk inçekeseliň garşysyna göreşmek üçin Global Fonduň kömegine mynasyp hasaplanmaýar. Çünki Bütindünýä Banky (World Bank) Türkmenistany **ortaçadan ýokary** girdeýjili ýurtlaryň hasabyna degişli edýär.

## MÖHÜM FAKTLAR

Inçekeseliň döremegine köplenç öýkene täsir edýän inçekesel mikobakteriýasy (Mycobacterium tuberculosis) sebäp bolýar. Inçekesel bejerip we öňüni alyp bolýan keseldir.

2017-nji ýylda dünýä ýüzünde 10 million adam inçekesel bilen keselledi we 1,6 million adam öldi (şularyň içine AIDS keselinden ölen 0,3 million adam hem girýär).

Inçekesel AIW-i (WIÇ) göterýän adamlaryň ölümine sebäp bolýan faktorlaryň birinjisidir.

Inçekesel howanyň üsti bilen bir adamdan beýleki adama ýokuşýar. Haçanda inçekeselli adamlar asgyranda, üsgürende ýa-da tüýkürende olar inçekesel taýajyklaryny howa ýaýradýarlar. Sagat adama inçekeseliň ýokuşmagy üçin dem alanda inçekesel mikobakteriýalarynyň birnäçesiniň dem alyş ýollaryna düşmegi ýeterlikdir.

Dünýäniň ilatynyň 1/4 böleginde inçekeseliň gizlin (latent) görnüşi duş gelýändir. Gizlin görnüşli inçekeselli adamyň bedeninde inçekesel taýajyklary saklanýandyr, ýöne entek keseliň alamatlary syn edilmeýär. Şeýle-de, bu görnüşli adam başgalara ýokançlygy ýokuşdyryp bilmeýär. Bedeniň immun ulgamy gowşanda gizlin görnüşli inçekesel  inşekeseliň işjeň görnüşine geçip biler.

Inçekeseliň derman serişdelerine durnukly görnüşi (MDR-TB) häzirki güne çenli köpçülikleýin krizis bolmagyny, saglyga howp salmagyny dowam edýär. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy 2017-nji ýylda inçekesele ilkinji nobatda iň gowy täsir edýän derman serişdesi bolan rifampicine durnukly bolan inçekesel bilen kesellän adamlaryň sany 558 000 diýip çaklady. Olaryň 82%-de inçekeseliň derman serişdelerine durnukly görnüşi bar ekeni. Inçekeseliň derman serişdelerine durnukly görnüşi isoniazid we rifampicin dermanlaryna gaýtargy bermeýän inçekesel taýajygy sebäpli döreýär. Bu iki derman bolsa inçekesele garşy ilkinji nobatda ulanylýan iň güýçli dermanlar hasap edilýär. Inçekeseliň derman serişdelerine durnukly görnüşini ikinji nobatdaky derman serişdeleri bilen bejerip bolýar. Emma ikinji nobatdaky bejergileriň sany köplenç çäkli bolýar. Ol uzakmöhletleýin himioterapiýany (2 ýyla çenli) we gymmat bahaly hem-de zäherli dermanlary talap edýär.

Inçekesel taýajygy ýokuşan adamlaryň ömründe inçekesel bilen kesellemegiň ähtimallygy 5-15% bolup durýar. Emma AIW-i göterijileriň ýa-da süýjüli diabetli näsaglaryň, kemçilikli iýmitlenýän, gowşak immunitetli, temmäki ulanýan adamlaryň inçekesel bilen kesellemek ähtimallygy has ýokarydyr.

Haçan-da adama inçekeseliň açyk görnüşi ýokuşanda, oňa mahsus ýüzleý alamatlar (üsgürmek, sowuklamak, gijelerine derlemek, sebäpsiz beden gyzgynynyň ýokarlanmagy, horlanmak) birnäçe aýlap dowam edip bilýär. Bu bolsa bejerginiň ugruna çykmany giçlendirip we inçekesel taýajyklarynyň başgalara ýokuşmagyny güýçlendirip bilýär. Açyk görnüşli inçekeselli adamlar bir ýylyň dowamynda ýakyn gatnaşýan adamlarynyň 10-15 sanysyna inçekesel taýajyklaryny ýokuşdyryp bilýär. Wagtynda dogry bejergi alynmasa, AIW-i (WIÇ) götermeýän inçekesel bilen kesellän adamlaryň 45%-i, ony göterýänleriň bolsa ählisi diýen ýaly ölýär.

## ÇEŞMELER:


The Global Fund

WHO Turkmenistan Country Profile (2015)

WHO Turkmenistan Country Profile (2016)

WHO Туберкулез

UNDP Europe and Central Asia

Inçekesel maglumatlar kampaniýasy


www.saglyk.org